# Çeper edebiýatda halyçylyk sungaty

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çeper edebiýatda halyçylyk sungaty ÇEPER EDEBIÝATDA HALYÇYLYK SUNGATY

Hormatly Prezidentimiziň «Arşyň nepisligi» atly kitabynda: «Haly – halkymyzyň gadymy hem müdimi, owal-ahyr ygrarly sungatydyr» diýip belleýşi ýaly, bu gadymy sungaty ene-mamalarymyz nesildennesle geçirip gelipdirler. Türkmen zenanlarynyň ezber elleriniň gudratyndan dörän türkmen halylary, gapylyklary, haly çuwallary öýlerimizi bezese, halydan dokalan at esbaplary gözelligi bilen dünýäni haýrana goýýan bedewlerimiziň görküne görk goşupdyr. Zenanlar kalbyndaky näzik duýgularyny, ykbalyny täsin şekiller bilen halynyň süňňüne siňdirmegi başarypdyr. Bular bara da il içinde dürli rowaýatlar, nakyllardyr atalar sözleri döräpdir. Bu sungat bagşysazandalar tarapyndan şirin mukama öwrülen bolsa, ýazyjydyr şahyrlaryň ýiti galamynyň astyndan ajaýyp eserler çykdy.
Hormatly Prezidentimiziň «Janly rowaýat», «Arşyň nepisligi» atly kitaplary türkmen haly sungaty hakynda döredilen gymmatly eserler dir. Bu kitaplardaky gyzykly maglumatlar, nepis halylarymyzyň owadan suratlary okyjyny özüne bendi edýär.
Türkmen edebiýatynda haly sungaty hakda täsirli wakalary beýan edýän eserleriň biri-de Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi, şahyr Mämmet Seýidowyň «Halyçy gyz Aýbölek» poemasydyr. Poemada ýaş halyçy gyz Aýbölegiň durmuşy, onuň haly dokamagy öwrenişi, bu sungata ökdeleýşi barada gürrüň berilýär. Ol haly dokamagy öz ejesinden öwrenýär. Çeper elli gyz diňe bir haly dokamak bilen meşgullanman, beýleki el işleriniňem – jorap örmegiň, keşde çekmegiň, gaýma gaýamagyňam ussady. Aýbölek haly çitmegi öwrenip başlanda, heniz ýedi ýaşynada ýetmedik gyz. Ol öz öw

renen hünäriniň kynçylyklaryna döz gelmegi başarýar. Ondan körpe çagalar tälim alýarlar. Şahyr M.Seýidow bu pursady çeperçilik bilen suratlandyrýar:

*Başyn göge dirän beýik daragtyň*
*Daşyn gurşap otyr körpe nahallar.*

Hormatly Prezidentimiziň: «Halyny kesp
edinen her bir zenan hem ussatdyr. Onuň hala yhlasy gözellige tagzymly göwnüniň küýsegi dir» diýip belleýşi ýaly, Aýbölek hem öz şägirtlerine haly dokamagyň inçe tärlerini yhlas bilen öwredýär. Olara guwanýar. Eserde Aýbölegiň durmuşyny beýan edýän wakalar onuň ezber elli halyçylygyndan, öz kärini nesillere öwredýän halypalyk derejesine çenli ýetirilýär.
Şahyr M.Seýidow poemanyň dowamynda halypaşägirtlik meselesi bilen bagly pikirlerini beýan edýär.

*Şägirtsiz ussatlar – perzentsiz ynsan,*
*Şägirtsiz ussatlar miwesiz bagdyr.*
*«Halypadan ötürmese şägirtler*
*hünär ýiter» diýlen bir nakyl bardyr.*

Şägirtlerniň arkasyndan ýaň salar
Geljek asyrlara onuň daragy.
Şolaň dokan halysynyň nagşynda,
Urar durar Aýbölegiň ýüregi.

Poemada dokalyp gutarylan halyny kesmek däbi, haly kesilende aýdylýan arzuwlar, dilegler hem çeper beýan edilýär.

*Haly kesdi halyçymyz Aýbölek,*
*Baranlara paýlap otyr erşinden.*

«Ýagşyny görmek – jennet» diýip, täze halyny görmäge, ýüzüne sylmaga uly höwes bilen barýarlar. M.Seýidow eserinde haly bilen baglanyşykly türkmen milli yrym-ynançlaryny, däp-dessurlaryny inçelik bilen beýan edýär:

*Uçmahymyş ýagşy zady görmegem*

*Kändi ony görmek üçin gaýdanlar.*

«Haly – ol uçmahyň düşegi» diýip, Ýöne ýere aýtmaýar adamlar. Şahyryň aýdyşy ýaly, ajaýyp halylaryň her çitiminde, her öýdüminde, süňňünde ençe Aý bölekleriň mähri, yhlasy, kesbine bolan söýgüsi bardyr.
Türkmen halysyna dünýä hyrydar. Bu hakda poemada şeýle diýilýär:
Diýýärler bir ajap muzeý ýerleşýär Gadymy Kairiň bir köçesinde. Ine, şeýle ýazgy barmyşyn şonuň Täsirler ýazylýan depderçesinde:

*«Bir görsediň şu halyny dokany,*
*Nähili genikä, nähili ýürek?*
*Ýa perişde ýa-da hüýri-gulmandyr,*
*Adamyň elinden gelmese gerek?!»*

Ýokarky setirler nepislikde, gözellikde dünýäni haýrana goýýan halylary dokaýan türkmen zenanlarynyň döredijiligine, zehin-başarnygyna berlen uly bahadyr.
M.Seýidowyň «Halyçy gyz Aýbölek» poemasynyň nesillerde milli mirasymyza bolan söýgini terbiýelemekde, öz hünäriňe yhlasly ýapyşyp, halal zähmet çekmegi öwretmekde terbiýeçilik ähmiýeti uludyr. Şahyryň:

*Gorap bu gün bu ajaýyp sungatyň,*
*Iň beýik döwlet dur seniň arkaňda –*

diýip belleýşi ýaly, türkmen zenanlarynyň egsilmez güýç-gaýratyndan, yhlas-başarnygyndan, söýgi hem mähir siňdirip döreden milli mirasymyzy – halyçylyk sungatyny ösdürmäge uly üns berilýär.

Akmaral SABYROWA,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň aspiranty.
Edebiýaty öwreniş